MAKUL HABAR

atawatanhabar@gmail.com

ATAVATAN TÜRKMENISTAN

IÝUN AÝYNYŇ 6-sy, 2025. №22



# TÜRKMENISTANDA JEMI IÇERKI ÖNÜM 6.3 GÖTERIM ARTDY

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň mejlisini geçirdi. Onda şu ýylyň bäş aýynda ýurdumyzda alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi.

Ministrler Kabinetiniň mejlisiniň barşynda Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa hem-de Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary gözegçilik edýän pudaklarynda 2025-nji ýylyň ýanwar – maý aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdiler.

### TÄZE KANUNLAR TAÝÝARLANÝAR

Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa milli kanunçylygy döwrüň talaplaryna laýyk getirmegiň çäklerinde alnyp barylýan işler barada maglumat berdi. Şu ýylyň ýanwar – maý aýlarynda Türkmenistanyň Kanunlarynyň 8-si kabul edildi. Şolaryň hatarynda ýurdumyzyň kazyýet edaralarynyň işini kämilleşdirmek we Ýük markalary hakynda halkara Konwensiýasyna degişli Teswirnama goşulmak bilen bagly kanunlar bar. Mundan başga-da, Mejlisiň kararlarynyň 10-sy kabul edildi.

Häzirki wagtda adam hukuklaryny we azatlyklaryny hem-de kanuny bähbitlerini goramak, saglawçylaryň bitewi döwlet sanawyny döretmek, ylmy-intellektual eýeçiligi ösdürmek, wirtual aktiwler, Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli ýubileý medalyny döretmek bilen baglanyşykly täze Kanunlaryň taslamalaryny taýýarlamak, şeýle hem hereket edýän birnäçe Kanunlary kämilleşdirmek boýunça işler alnyp barylýar. Ýylyň başyndan bäri daşary ýurt döwletleriniň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçileriniň ynanç hatlarynyň 6-sy kabul edildi.

### JEMI IÇERKI ÖNÜM 6.3 GÖTERIM ARTDY

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow şu ýylyň ýanwar – maý aýlarynda gazanylan makroykdysady görkezijiler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, durmuşa geçirilen toplumlaýyn çäreleriň netijesinde, milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynyň durnukly ösüşi üpjün edildi we ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi has-da ýokarlandy. Hasabat döwründe jemi içerki önüm 6,3 göterim artdy, şol sanda ösüş depgini senagat pudagynda 0,8; gurluşykda 4,7; ulag we aragatnaşyk pudagynda 10,8; söwdada 9,9; oba hojalygynda 4 we hyzmatlar ulgamynda 8,6 göterime deň boldy.

2024-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, jemi öndürilen önümiň möçberi 9,7 göterim artdy. Ykdysadyýetiň pudaklarynda oňyn önümçilik görkezijileri gazanyldy.

Şu ýylyň bäş aýynda, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, bölek satuw haryt dolanyşygy 12,5; daşary söwda dolanyşygy 5,4 göterim ýokarlandy. Maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň möçberi, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 16,3 göterim artdy.

Döwlet haryt-çig mal biržasy tarapyndan hasabat döwründe 124 birža söwdasy geçirilip, olarda 11 müň 714 şertnama hasaba alyndy. Şu ýylyň ýanwar – maý aýlarynda Söwda-senagat edarasy boýunça ýerine ýetirilen işleriň ösüş depgini 103 göterime barabar boldy.

Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi boýunça şu ýylyň bäş aýynda oba hojalyk we azyk önümlerini öndürmegiň ösüş depgini 107,2; senagat önümlerini öndürmegiň ösüş depgini 108,2 göterime deň boldy.

### PILEÇILER ZÄHMET ÝEŇŞINI GAZANDYLAR

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew oba hojalyk pudagynda şu ýylyň ýanwar – maý aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri hem-de welaýatlarda alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi. Wise-premýer döwlet Baştutanymyza ussat pileçilerimiz tarapyndan ýurdumyz boýunça 2 müň 100 tonnadan gowrak pile öndürilip, bu ugurda bellenen şertnamalaýyn borçnamanyň üstünlikli berjaý edilendigi baradaky hoş habary aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, zähmetsöýer pileçilerimiziň Watan harmanyna 2100 tonnadan gowrak pile tabşyryp, şu ýylky şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli ýerine ýetirendiklerini aýtdy. Döwlet Baştutanymyz ussat pileçileri bu zähmet üstünligi bilen tüýs ýürekden gutlady.

Şeýle hem Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa gözegçilik edýän ulgamlarynda 2025-nji ýylyň ýanwar – maý aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, hasabat döwründe Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllyk baýramy mynasybetli dabaralary we çäreleri ýokary derejede geçirmek boýunça guramaçylyk taparynyň birinji mejlisi, dutarçy bagşy-sazandalaryň arasynda yglan edilen "Çalsana, bagşy!" atly bäsleşigiň Aşgabat we Arkadag şäherleri, Ahal hem-de Balkan welaýatlary boýunça jemleýji tapgyrlary, şeýle hem "Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy" atly aýdym-sazly festiwal guramaçylykly geçirildi.

### TÜRKMEN TÜRGENLERI HALKARA ÝARYŞLARDA 349 MEDAL GAZANDYLAR

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň ýanwar – maý aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi. Hasabat döwründe ýaş nesliň döwrebap bilim almagy ugrunda toplumlaýyn işler amala aşyryldy, okatmagyň öňdebaryjy usullary bilim işinde giňden ulanyldy, okuw kitaplarydyr gollanmalar neşir edildi. Mekdep okuwçylary, talyp ýaşlar halkara ders we internet bäsleşiklerinde jemi 711 medala we dürli derejeli diplomlara mynasyp boldular. Bedenterbiýäni we sporty ösdürmek boýunça hem netijeli işler alnyp baryldy. Şu ýylyň ýanwar – maý aýlarynda türgenlerimiz halkara ýaryşlara gatnaşyp, jemi 349 medala mynasyp boldular.

### TÜRKMENISTAN 73 HALKARA RESMINAMA GOL ÇEKIŞDI

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri soňra şu ýylyň ýanwar – maý aýlarynda ministrlik tarapyndan ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiz ýylyň başyndan bäri "Merkezi Aziýa – Ýewropa Bileleşigi" görnüşindäki birinji sammite gatnaşmak üçin Özbegistan Respublikasyna, Russiýa Federasiýasyna, "Merkezi Aziýa – Italiýa" görnüşindäki birinji sammite gatnaşmak üçin Gazagystan Respublikasyna iş saparlaryny, Ýaponiýa sapary, şeýle hem Mongoliýa döwlet saparyny amala aşyrdy.

Hasabat döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz Monako Knýazlygynda saparda boldy, şeýle hem Gazagystan Respublikasyna, Gyrgyz Respublikasyna we Özbegistan Respublikasyna dostlukly saparlary, Fransiýa Respublikasyna resmi sapary we Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasyna iş saparyny amala aşyrdy.

Sanly ulgam arkaly dürli derejedäki duşuşyklaryň 293-si geçirildi. Şeýle hem Türkmenistanda daşary ýurt döwletleriniň we halkara guramalaryň wekilleri bilen resmi gepleşikler hem-de duşuşyklar guraldy. Ýylyň başyndan bäri ýurdumyzyň halkara gatnaşyklarynyň şertnamalaýyn-hukuk binýadynyň üsti 73 resminama bilen ýetirildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip: "Garaşsyz ýurdumyzda şu ýylyň bäş aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri kabul edilen maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini görkezýär. Jemi içerki önümiň ösüşi hasabat döwründe 6,3 göterim derejede durnukly saklanyp gelýär" diýip belledi.

Döwlet Baştutanymyz Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, ýurdumyzda üç günläp, ýagny 6-njy, 7-nji, 8-nji iýunda Gurban baýramynyň bellenilip geçiljekdigini, bu mukaddes baýramyň gadymdan gelýän medeni-ruhy mirasymyzy, däp-dessurlarymyzy özünde jemleýändigini aýtdy.

"Gurbanlyk günleri berýän sadakalaryňyz kabul bolsun!" diýip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow aýtdy we pursatdan peýdalanyp, mejlise gatnaşyjylary, mähriban halkymyzy mukaddes Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden gutlady.

## AŞGABAT – ULAN-BATOR: GELJEGI NAZARLAÝAN HYZMATDAŞLYK

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Mongoliýa ilkinji döwlet saparyny amala aşyrdy. 1-2-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Mongoliýa amala aşyran döwlet sapary hem ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň taryhynda täze sahypany açyp, şanly ýylyň möhüm wakalarynyň üstüni ýetirdi. Saparyň taryhy ähmiýeti bolsa, öňi bilen, onuň Türkmenistanyň Prezidentiniň bu ýurda ilkinji sapary bolmagydyr.

Gepleşikleriň jemleri boýunça daşary syýasat, ykdysady hyzmatdaşlyk, dokma senagaty, ylym, bilim, muzeý işi, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri ýaly dürli ugurlarda ikitaraplaýyn resminamalaryň 14-sine gol çekilmegi saparyň üstünliklere beslenmegine itergi berdi. Türkmenistan Mongoliýa bilen söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmegi we ep-esli giňeltmegi maksat edinýär. ● 2

## GDA DÖWLETLERI AGYR SENAGATY ÖSDÜRMEK BOÝUNÇA HYZMATDAŞLYK EDER

2025-nji ýylyň 5-nji iýunynda Täjigistanyň paýtagty Duşenbe şäherinde Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň (GDA) Hökümet baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisi geçirildi. Mejlise Täjigistan Respublikasynyň Premýer-ministri Kohir Rasulzoda, Azerbaýjan Respublikasynyň Premýer-ministri Ali Asadow, Ermenistan Respublikasynyň wise-premýeri Mger Grigorian, Belarus Respublikasynyň Premýer-ministri Aleksandr Turçin, Gazagystan Respublikasynyň Premýer-ministri Olžas Bektenow, Gyrgyz Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň Başlygy – Prezident Administrasiýasynyň ýolbaşçysy Adylbek Kasymaliýew, Russiýanyň Federasiýasynyň Hökümetiniň Başlygy Mihail Mişustin, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Hojamyrat Geldimyradow, Özbegistan Respublikasynyň Premýer-ministri Abdulla Aripow hem-de GDA-nyň Baş sekretary Sergeý Lebedew gatnaşdylar. ● 2

AŞGABATDA HYTAÝÝŇ FARFOR ÖNÜMLERINIŇ SERGISI GEÇIRILÝÄR 3

LI ÇŽE MEN GÜNORTA KOREÝANYŇ TÄZE PREZIDENTI BOLDY 4

# GDA DÖWLETLERI AGYR SENAGATY ÖSDÜRMEK BOÝUNÇA HYZMATDAŞLYK EDER

Başlangyjy 1-nji sahypada.



Mejlisiň dowamynda hökümet ýolbaşçylary GDA-nyň ykdysady hyzmatdaşlygynyň häzirki ýagdaýy boýunça pikir alyşdylar.

Giňişleýin düzümde geçirilen mejlisde bolsa, agyr senagat önümçiligi pudagynda hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça Ylalaşygy ara alyp maslahatlaşdylar we tassykladylar. Resminamada senagat pudagynda maglumat we öňdebaryjy tejribeleri alyşmak, ykdysadyýetiň bu pudaklary üçin ýokary hünärli işgärleri taýýarlamak, täze tehnologik ugurlarda hyzmatdaşlygy ösdürmek, önümçilik tehnologiýalaryny döwrebaplaşdyrmak, innowasion, bäsdeşlige ukyply önümleriň öndürilişini hem-de eksportyny artdyrmaga ýardam berjek önümçilik zynjyrlaryny döretmek ýaly ugurlar ileri tutulýar.

Şeýle hem mejlisde GDA ýurtlarynyň ýeňil senagat pudagyndaky hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça Konsepsiýa we onuň durmuşa geçirilmegi boýunça Hereketler meýilnamasy kabul edildi.

GDA-nyň Hökümet ýolbaşçylary jemgyýetçilik saglygyny goramak ulgamyndaky hyzmatdaşlyk boýunça täze Konsepsiýany hem tassykladylar. Bu resminama GDA-nyň çäklerinde 20 ýyldan gowrak öň baglaşylan şunuň ýaly resminamanyň täze görnüşidir.

Şeýle hem, GDA-nyň Meýletinçiler forumynyň düzgünnamasyna gol çekildi. Resminama laýyklykda, GDA-nyň Meýletinçiler forumyny her ýyl geçirmek, meýletinçilik hereketini ösdürmek we halkara hyzmatdaşlygyny berkitmek maksadyny göz öňünde tutulýar.

GDA-nyň hökümet Baştutanlarynyň Geňeşiniň indiki mejlisiniň 2025-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda Minskde geçirilmegi kararlaşdyryldy.

# AŞGABAT – ULAN-BATOR: GELJEGI NAZARLAÝAN HYZMATDAŞLYK

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Energetika ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ýene-de bir strategik ugrudyr.

Türkmenistan ýangyç-energetika toplumynyň önümlerini ibermegiň ugurlaryny ýola goýmaga, nebit we gazhimiýa harytlarynyň Mongoliýa ugradyljak giň sanawy üçin mümkinçilikleri ara alyp maslahatlaşmaga, energetika howpsuzlygy we energetika ulgamlarynyň durnukly ösüşi babatda tejribe alyşmaga taýýardyr. Ýokary derejeli gepleşiklerde telekeçileriň göni gatnaşyklaryny ilerletmekde goldaw bermegiň, özara söwda amallaryny amala aşyrmak üçin amatly hukuk şertlerini döretmegiň ähmiýeti, medeni-ynsanperwer ulgamda bilelikde iş alyp barmak üçin giň mümkinçilikler barada hem bellenildi.

Ulan-Bator gepleşikleriniň jemleri boýunça Türkmenistanyň Hökümeti bilen Mongoliýanyň Hökümetiniň arasynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara topary döretmek hakynda Ylalaşyga gol çekilendigini bellemek bolar. Şeýle hem topar ykdysadyýetde, oba hojalygynda, maldarçylykda, energetikada, ulagda, ýeňil senagatda, bilimde, ylymda we tehnologiýalarda, medeni-ynsanperwer ulgamda bilelikdäki başlangyçlary öňe sürmek, dürli taslamalary durmuşa geçirmek arkaly hyzmatdaşlygy has-da ösdürmäge ýardam eder. Aşgabat şäher häkimligi bilen Ulan-Bator şäheriniň merliginiň arasynda Aşgabat şäheriniň we Ulan-Bator şäheriniň arasynda doganlyk gatnaşyklaryny ýola goýmak hakynda Ähtnama gol çekilmegi-de iki ýurduň paýtagtlarynyň arasynda giň gerimli gatnaşyklar üçin täze sahypany açýar.

# Türkmenistan BMG-niň Ykdysady we durmuş geňeşiniň agzalygyna saýlandy



2025-nji ýylyň 4-nji iýunynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy mejlisiniň 75-nji plenar mejlisinde Türkmenistan 2026-2028-nji ýyllar üçin BMG Ykdysady we durmuş geňeşiniň (ECOSOC) agzalygyna saýlandy.

ECOSOC Birleşen Milletler Guramasynyň we agza guramalaryň ykdysady we jemgyýetçilik işlerini utgaşdyrmak üçin jogapkär esasy organdyr. ECOSOC, BMG ulgamynyň durnukly ösüşiň üç ölçegini – ykdysady, durmuş we daşky gurşawy öňe sürmek ugrundaky tagallalarynyň merkezinde durýar.

ECOSOC Baş Assambleýa tarapyndan üç ýyllyk möhlete saýlanan 54 döwletden ybarat. Her ýyl möhleti gutaran ýurtlary çalyşmak üçin sebit toparlaryndan 18 ýurt saýlanýar.

Türkmenistan mundan ozal, 2013-2015-nji hem-de 2019-2021-nji ýyllar üçin guramanyň bu abraýly düzümine saýlanypdy.

# 11-nji iýul "Bütindünýä atlar güni" hökmünde bellener



Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy mejlisinde 11-nji iýuly "Bütindünýä atlar güni" hökmünde yglan etmek hakynda kararnama kabul edildi.

Mongoliýanyň başlangyjy bilen taýýarlanan kararnama 56 döwlet tarapyndan goldanyldy. Olaryň hatarynda Türkmenistan, Türkiýe, Ýaponiýa, Gazagystan, Gyrgyzystan, Özbegistan, Täjigistan, Germaniýa, Awstriýa, Bahreýn, Braziliýa, Koreýa, Hytaý, Katar, Marokko, Russiýa we Tailand ýaly döwletler hem bar.

Kararnamada gurama agza döwletleri hem-de beýleki gyzyklanma bildirýän taraplary her ýyl bu güni atlary we atçylyk pudagynyň ykdysady we jemgyýetçilik ähmiýeti barada habardarlygy ýokarlandyrmaga gönükdirilen çäreler arkaly bellemäge çagyrýar.

Kararnamanyň taslama bilen tanyşdyran mongol wekili atlary "adamzat taryhynyň iň möhüm haýwanlarynyň biri" hökmünde häsiýetlendirdi we ulag, oba hojalygy, maldarçylyk we magdançylyk, şeýle hem dynç alyş, ýaryş we syýahatçylykdaky ornuna ünsi çekdi.

FAO-nyň maglumatlaryna görä, häzirki wagtda münülýän we tirkeg üçin ulanylýan atlaryň sany 57 million diýlip çaklanylýar.

# TÜRKMEN TÜRGENLERI HALKARA ÝARYŞLARDA 349 MEDALA MYNASYP BOLDULAR

Şu ýylyň ýanwar – maý aýlarynda türgenlerimiz halkara ýaryşlara gatnaşyp, jemi 349 medala mynasyp boldular. Bu barada Ministrler Kabinetiniň mejlisinde habar berildi.

Mejlisde Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň ýanwar – maý aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Bedenterbiýäni we sporty ösdürmek boýunça hem netijeli işler alnyp baryldy. Şu ýylyň ýanwar – maý aýlarynda türgenlerimiz halkara ýaryşlara gatnaşyp, jemi 349 medala mynasyp boldular. Bütindünýä saglyk güni mynasybetli köpçülikleýin welosipedli ýörişler, bedenterbiýe-sport çäreleri, Aşgabat şäherindäki Olimpiýa şäherçesiniň Başa-baş söweş sungaty sport toplumynda sportuň milli we guşakly alyş göreşi boýunça halkara ýaryş guramaçylykly geçirildi.



Saglygy goraýyş ulgamynyň işini yzygiderli kämilleşdirmek, ýaşlary bedenterbiýe we köpçülikleýin sport bilen meşgullanmaga giňden çekmek üçin netijeli işleri alyp barmak zerurdyr diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we wise-premýere bu babatda birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

# "AWAZA-DOSTLUK MEKANY" ATLY HALKARA TANS WE FOLKLOR FESTIWALY GEÇIRILDI

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda «Awaza – dostluk mekany» atly halkara tans we folklor festiwaly geçirilýär. Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi, Daşary işler ministrligi we Balkan welaýat häkimligi tarapyndan guralan çärä Eýrandan, Hindistandan, Täjigistandan, Özbegistandan medeniýet we sungat işgärleri we ýurdumyzyň medeniýet we sungat ussatlary gatnaşdylar.

Festiwalyň çäklerinde akwaparkyň sahnasynda bilelikdäki konsert geçirildi. Tomaşaçylar dünýäniň dürli ýurtlaryndan gelen tans toparlaryny mähirli garşy aldylar. Olaryň käbirleri ýurdumyzda geçirilen halkara medeni çärelere ençeme gezek gatnaşdylar. Sahnada dürli halklaryň saz sungatynyň köpöwüşginliligi öz beýanyny tapdy, milli aýdymlar ýerine ýetirildi we gadymdan gelýän däpleriň özboluşlylygy şöhlelendirildi.

Halkara festiwalyň çäklerinde «Daýanç» sagaldyş we dynç-alyş merkeziniň mejlisler zalynda «Küştdepdi – parahatçylyk waspçysy» atly halkara maslahatyň geçirilmegi göz öňünde tutuldy.

«Küştdepdi» milli aýdym we tans dessurynyň özboluşlylygy hem-de gadymylygy göz öňünde tutulyp, ol 2017-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi. Çünki bu tans geçmişi we şu güni, şeýle hem dürli medeniýetleriň wekillerini birleşdirýän özboluşly durmuşy mazmuna eýedir.



Üç günüň dowamynda döredijilik duşuşyklary we tans sungaty boýunça ussatlyk sapaklary geçirildi. Her agşam halk döredijilik, folklor-etnografik toparlary çykyş edip, öz halkynyň milli sungatyny görkezdiler. Myhmanlar üçin «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň taryhy bilen tanyşmagy we gämide gezelenç etmegi öz içine alýan medeni maksatnama taýýarlanyldy.

# "GOOGLE" WE ÇILI AWSTRALIÝA ÇENLI OPTIKI SÜÝÜMLI KABEL ÇEKER

Amerikanyn "Google" korporasiýasy bilen infrastruktura taslamalary bilen meşgullanýan Çiliniň "Desarrollo País" döwlet kompaniýasy Awstraliýa çenli optiki süýümli kabelini çekmek boýunça şertnama baglaşdylar. Bu barada Günorta Amerikanyň daşary işler ministrligi habar berýär.

"Walparaiso sebitini Awstraliýa bilen birleşdirjek bu taslama – uzynlygy 14 müň kilometre çenli boljak kabel – Çiliniň XXI asyrdaky ornunyň nähili bolmalydygyny anyk görkezýär: açyk, ynamly ýurt bolup, halkara hyzmatdaşlygyna doly gatnaşmaga we Günorta Amerika bilen Aziýa-Ýuwaş ummany sebitleriniň hem-de Okeaniýanyň arasynda köpri bolmaga çalyşýar" diýip, Çiliniň daşary işler ministri Alberto wan Klaweren aýtdy. Şertnama boýunça "Google" bilen "Desarrollo País" deň paýly "Humboldt Connect" atly bilelikdäki kompaniýa döredilер. "Kabeliň 2025–2026-njy ýyllarda çekilmegine garaşylýar, onuň täjirçilik taýdan ulanylmagy bolsa 2027-nji ýylda başlanar" diýip, Çiliniň daşary işler ministrligi belleýär.

# SAUD ARABYSTANYNA 1,5 MILLIONDAN GOWRAK HAJ ZYÝARATÇYSY BARDY



Haj zyýaratyny ýerine ýetirmek üçin daşary ýurtlardan Saud Arabystanynabaran zyýaratçylaryň sany 1,5 milliondan geçdi.

Bu barada Saud Arabystanynyň haj we umra ministrliginiň resmi wekili Gassan an-Nuwaými döwlet "Al Ekhbariya" teleýaýlymyna beren beýanatynda belläp geçdi.

"Häzirki wagta çenli daşary ýurtlardan 1,5 milliondan gowrak haj zyýaratçysy Saud Arabystanyna geldi" diýip, ol belledi.

An-Nuwaými şeýle-de ministrligiň 94 müňden gowrak işgäriniň zyýaratçylaryň howpsuzlygyny üpjün etmek ugrunda işleýändigini aýtdy. Ol ministrligiň beýleki döwlet edaralary we hukuk goraýjy edaralar bilen hyzmatdaşlykda işleýändigini belledi.

Şeýle hem belläp geçmeli, şu ýyl haj möwsümi 4-9-njy iýun aralygynda geçirilýär

# TÜRKMENISTANYŇ WEKILIÝETI YHG-NYŇ ULAG MINISTRLERINIŇ 13-NJI MEJLISINE GATNAŞDY

Tähran şäherinde Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory Mämmethan Çakyýew Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyň (YHG) ulag ministrleriniň 13-nji mejlisine gatnaşdy.

Mejlise Eýran Yslam Respublikasynyň Ýol we şäher ösüşi ministri Farzane Sadeg, Özbegistan Respublikasynyň ulag ministri Mahkamow Ilhom Rustamowiç, Pakistan Yslam Respublikasynyň aragatnaşyk ministri Abdul Alim Han, Halkara awtomobil ulaglary birleşiginiň (IRU) Baş sekretary Umberto de Pretto, Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyň Baş sekretary Asad Majid Han gatnaşdylar.

Maslahatyň dowamynda sebitde durnukly we netijeli ulag ulgamynyň ösdürilmegine, Gündogar bilen Günbataryň arasyndaky logistiki arabaglanyşygyň güýçlendirilmegine, multimodal ugurlaryň giňeldilmegine we ulag ulgamynda sanly çözgütleriň ornaşdyrylmagyna aýratyn üns berildi.

Gatnaşyjylar ulag geçelgeleriniň döwrebaplaşdyrylmagy, serhet geçelgeleriniň awtomatlaşdyrylmagy, logistika merkezleriniň geçirijilik ukybynyň artdyrylmagy we innowasion tehnologiýalaryň giňden ulanylmagy bilen baglanyşykly meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar. Sebitara arabaglanyşygyny we üstaşyr geçelgeleri güýçlendirmekde möhüm serişdeleriň biri hökmünde çykyş edýän YHG-nyň çäklerindäki hyzmatdaşlygyň ähmiýeti nygtaldy.

Türkmenistan ulag ulgamynda özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmäge ygrarlydygyny, şeýle hem Ýewropa bilen Aziýanyň arasynda möhüm ulag çatrygy hökmünde strategik ornuny tassyklady.

Maslahatyň çäklerinde birnäçe ikitaraplaýyn



duşuşyklar geçirildi. Özbegistan Respublikasynyň ulag ministri bilen geçirilen duşuşygyň barşynda ulag-logistika düzümini ösdürmek, ýük daşamalarynyň möçberini artdyrmak, serhet geçelgeleriniň döwrebaplaşdyrmak we täze ugurlar boýunça hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri maslahatlaşyldy.

Pakistanyň aragatnaşyk ministri bilen ulag ulgamynda hyzmatdaşlygy giňeltmek, täze logistiki geçelgeleri döretmek we sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak bilen bagly meselelere garaldy.

IRU-nyň baş sekretary bilen geçirilen duşuşykda sürüjileri we ulag menejerlerini taýýarlamak, hünärmenleriň taýýarlygyny ýokarlandyrmak we awtoulag ulgamyndaky hyzmatdaşlygy giňeltmek boýunça pikir alyşyldy.

Şeýle hem YHG-nyň baş sekretary Asad Madjid Han bilen duşuşyk geçirildi. Onuň dowamynda ulag pudagyny ösdürmegiň, sebitara baglanyşygy güýçlendirmegiň we halkara üstaşyr geçelgelerini ösdürmegiň möhüm ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy. Mundan başga-da, şu ýylyň 3-5 awgusty aralygynda Türkmenbaşy şäherinde geçiriljek BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyna taýýarlyk görmek bilen baglanyşykly meselelere garaldy. Agzalan çäräniň çäklerinde YHG-nyň nobatdaky giňişleýin maslahatynyň geçirilmegi meýilleşdirilýär.

# Türkiýä tebigy gazyň önümçiligini artdyrmagy meýilleşdirýär

Türkiýe Respublikasy gündelik çykarylýan tebigy gazyň möçberini 40 million kub metre ýetirmegi maksat edinýär. Bu barada Türkiýäniň energetika we tebigy serişdeler ministriniň orunbasary Ahmet Berat Çonkar Bakuwda geçirilen Energetika forumynyň çägindäki plenar mejlisde belläp geçdi.



Onuň bellemegine görä, energetika howpsuzlygyny hiç bir ýurt özbaşdak üpjün edip bilmeýär. Muny diňe yzygiderli hyzmatdaşlygyň üsti bilen amala aşyrmak bolar. Türkiýäniň Ýewropa bilen Aziýanyň çatrygynda ýerleşmegi oňa energetika babatda söwda merkezine öwrülmäge mümkinçilik berýär. Türkiýe Respublikasy energetika infrastrukturasy üçin uly maýa goýumlary amala aşyrýar.

Ol Türkiýäniň energetika howpsuzlygynyň milli strategiýasynyň esasy ugry hökmünde kesgitländigini nygtady.

"Türkiýe 2053-nji ýyla çenli zyňyndylary 0% dereje ýetirmegi öz üstüne aldy. 2035-nji ýyla çenli täzelenýän energiýa önümçiligini 30 gigawattdan 120 gigawatta çenli artdyrmagy meýilleşdirýäris. Bu maksada ýetmek üçin 120 milliard dollar maýa goýum gerek." diýip, ministriň orunbasary belledi.

Çonkar häzirki wagtda Türkiýäniň günlük 9,5 million kub metr gaz öndürýändigini belläp geçdi:

"'Osman Gazi' ýatagynda günde 11 million kub metr gaz çykarylmagy meýilleşdirilýär. Türkiýäniň maksady – gündelik gaz önümçiligini 40 million kub metre ýetirmek. Bu ýerde 'Sakarya' gaz ýatagy aýratyn möhüm rol oýnaýar."

# Aşgabatda Hytaýyň farfor önümleriniň sergisi geçirilýär

Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň sergiler jaýynda Hytaýyň farfor önümleriniň we atşynaslyk sungatyna degişli gymmatlyklarynyň sergisi açyldy. Bu çäre iki dostlukly ýurduň arasynda ýola goýlan hyzmatdaşlygyň köpugurly häsiýete eýediginiň nobatdaky aýdyň mysalydyr.

Sergide Hytaý Halk Respublikasynyň günorta-gündogaryndaky Fuszýan sebitiniň Dehua uýezdiniň 100-e golaý ak farfor önümleri hemde at esbaplary aýratyn orun eýeledi. Medeni çäräniň açylyş dabarasyna ýurdumyzyň döredijilik, sungat işgärleri, Hytaý Halk Respublikasynyň Milli muzeýiniň wekilleri, medeni mirasyň gymmatlyklaryny toplaýjylar gatnaşdylar.

Bellenilişi ýaly, Hytaýyň ak farfor önümçiligi durmuş zerurlyklaryny sungat bilen utgaşdyran özboluşly döredijilik çemeleşmesi bolup durýar. Ak farfor önümçiliginde şekili emele getirilen keramika önümleri, gap-gaçlar ýokary gyzgynlyk derejesinde bişirilýär. Munuň özi olaryň berkligini we aýna ýaly ýaldyramagyny üpjün edýär. Olaryň käbiri dürli reňklerde şekilleriň emele getirilmegi bilen hem bezelýär.

Sergide adam, tebigat gözellikleri şöhlelendirilen farfor önümlerini synlamak bolýar. Şolaryň her biri hytaý halkynyň dünýä beren iň gadymy sungatlarynyň biri bolan farfor önümçiliginiň taryhy we özboluşly aýratynlyklary barada bu ýere gelýänleri giňişleýin tanyşdyrýar. Sergide 40 töweregi gymmatlyk Hytaýyň atşynaslyk sungatynyň we degişli senetçiliginiň ösüş ýolundan habar berýär.



Hytaýyň muzeý işgärleri ýurdumyza saparynyň dowamynda "Nusaý" döwlet taryhy-medeni goraghanasynda, Türkmen halysynyň milli muzeýinde, Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýinde, Şekillendiriş sungaty muzeýinde boldular.

# "Magtymguly Pyragy" filmi Londonda ýörite baýraga mynasyp boldy

Türkmen edebiýatynyň nusgawy şahyrynyň hatyrasyna bagyşlanyp düşürilen «Magtymguly Pyragy» türkmen-özbek filmi Beýik Britaniýanyň London şäherinde geçirilen Ýewraziýa kino festiwalynda ýörite baýraga mynasyp boldy.

Türkmenistanyň we Özbegistanyň hyzmatdaşlygynda özbek kinorežissýory Muzaffarhon Erkinowyň surata düşüren "Magtymguly Pyragy" çeper filmi tomaşaçylarda uly gyzyklanma döredendigi üçin ýörite baýraga mynasyp boldy.

Çeper film halkara tomaşaçylar jemgyýetinde uly gyzyklanma döredip, ol hem sebitiň medeni mirasyna bolan çuňňur sarpanyň nyşanydyr.

Bu baýrak diňe bir döredijilik topary üçin möhüm waka bolmak bilen çäklenmän, eýsem halkara arenada uly ýkrara eýe bolýan türkmen kinematograflary üçin hem uly ähmiýete eýedir.

"Magtymguly Pyragy" çeper filminiň üstünligi Türkmenistanyň medeni mirasynyň güýjüni görkezip, halkara jemgyýetçiliginiň uly ünsüni özünde jemledi.

Ýewraziýa kino festiwaly 2019-njy ýylda esaslandyrylyp, ol "Romford" film festiwaly bilen bilelikde guralýar. 2019-njy, 2020-nji, 2021-nji we 2022-nji ýyllarda bu festiwala 24 döwletden 350-den gowrak filmler hödürlendi. Festiwalyň geçirilýän 5 gününiň dowamynda dürli döwletleriň hödürlän filmlerine baha berilýär.



Magtymguly Pyraga bagyşlanan film barada aýdylanda bolsa, Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň we Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň goldamagynda düşürilen bu film 2024-nji ýylda giňden bellenilen Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna ajaýyp sowgat bolupdy.

Bu çeper film türkmen we özbek sungat ussatlarynyň hem-de aktýorlarynyň gatnaşmagynda surata düşürildi.

# Hytaý kompaniýasy Hazarda ýel energetika taslamasy bilen gyzyklanýar

Hytaýyň "China Energy" kompaniýasy Hazar deňzinde giň gerimli ýel energetikasy taslamasyny meýilleşdirýär. Bu kompaniýa Azerbaýjanda deňizde gurljak 200 megawattlyk ýel elektrik stansiýasynyň gurluşygy bilen baglanyşykly mümkinçilikleri öwrenýär.

"Report" agentliginiň habar bermegine görä, bu barada žurnalistlere Bakuwda geçirilýän Energetika hepdeliginiň çäginde "China Energy Engineering Corporation Limited" kompaniýasynyň wise-prezidenti Bo Wan aýtdy.



"Biz Azerbaýjanyň Energetika ministrligi bilen Gün hem-de deňiz ýel energetikasyna maýa goýmak boýunça hyzmatdaşlyk edýäris. Şu günki gün biz ministrlik we beýleki edaralar bilen Azerbaýjanda gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň giňden ornaşdyrylmagy üçin elektrik ulgamlarynyň döwrebaplaşdyrylmagyny hem maslahatlaşýarys" diýip belledi.

Bo Wan häzirki wagtda Fizuli welaýatynda kuwwaty 160 megawatt bolan Gün elektrik stansiýasynyň taslamasynyň hem-de 200 megawattlyk ýel energetikasy boýunça mümkinçilikleriň öwrenilýändigini aýtdy.

Hytaý kompaniýasynyň wise-prezidenti şeýle hem gaýtadan dikeldilýän energiýanyň ösüşini üpjün etmek maksady bilen elektrik ulgamlaryny döwrebaplaşdyrmak boýunça Azerbaýjanyň Energetika ministrligi bilen özara düşünişmek barada Ähtnama gol çekilendigini belläp geçdi.

# "Intellektual Umyt" gepleşigi: Dr. Kakajan Kömürow

"Ata Watan Media" toparymyz bolup, indi ençeme ýyldan bäri ýurdumyzda bolup geçýän täzelikleri dünýä jemgyýetçiligine, daşary ýurtlarda geçirilýän çäreleri, dabaralary, maslahatlary ýurdumyzyň okyjylar köpçüligine ýetirmek ugrunda iş alyp barýarys. Bu ugurda işlerimiz hem habar, ýagny suratly ýazmaça görnü'inde, şeýle hem wideo ýazgyly gepleşikler görnüşinde dowam etdirilýär.

Media toparymyzyň taýýarlaýan wideo gepleşikleri "Atavatan Türkmenistan" halkara žurnalymyzyň resmi "Youtube" kanalynda, şeýle hem resmi jemgyýetçilik torlarynda ýaýradylýar.

"Ata Watan ýyldyzlary", "Ata Watan Ýaşlar", " Intellektual Bonus", "Intellektual Perspektiw", "Online Biznes Sapak", "Syýahatçylyk", "Ussatlar Ata Watanda" ýaly gyzykly gepleşikler taýýarlanyp, okyjylar köpçüligine ýetirildi.

Şunuň bilen baglylykda, media toparymyz täze gepleşigi ýola goýdy. Oňa "Intellektual Umyt" – diýip at berdik.

Ine, täze gepleşigimiziň esasy maksady – türkmen ýaşlaryna itergi bermek, olara ýol görkezmek! Munuň üçin bolsa biz ýaşlarymyzyň öňünde görelde bolup biljek türkmen oglan-gyzlarymyz bilen gyzykly we manyly söhbetdeşlikleri gurnamagy maksat edinýäris.




Üstünlik gazanmagyň iň zerur şertleriniň biri hem "Umyt". Şonuň üçin hem "Makul Sözlük" tarapyndan 2025-nji ýylyň sözi hökmünde "Umyt" sözi saýlanyp alyndy.

"Umyt" üçin sebäp gerek! Sebäbi bilmek üçin bolsa maglumat gerek! Ine, şu gepleşiklerimiz arkaly siz şol sebäbi – şol maglumaty – taparsyňyz!

Gepleşigimiziň ilkinji sanynyň myhmany: dünýä derejesindäki üstünlikleri bilen tanalýan, adaty bir türkmen maşgalasynda ulalan, belli "Emeli Intellekt" startapynyň esaslandyryjysy – Dr. Kakajan Kömürow!

Gepleşige tomaşa eden wagtyňyz, siz hem öz gelejegiňize has uly umyt bilen gararsyňyz. Dr. Kömürowyň üstünlikli ýoly – her bir türkmen ýaşynyň hem şeýle sepgitlere ýetip biljekdigini aýdyň subutnamasydyr.

Bu gepleşigi hökman oglunyza ýa-da gyzyňyza görkeziň!

Tomaşa etmek üçin linki https://youtu.be/avwkhy3JYbE

Şeýle hem gepleşigi şu aşakdaky salgydan hem tomaşa etmek mümkinçiligi bardyr.

https://atavatantv.com/turkmenistanly-okuwcylar-turkmenistany-kaliforniyada-tanysdyrdylar-turkmenistan-california-usa-2/https://atavatantv.com/

Nesip bolsa, şeýle ruhlandyryjy gepleşikler bilen dowam ederis!

# Türkmenistanyň futbol ýygyndysy Tailandyň milli ýygyndysy bilen duşuşar

Türkmenistanyň futbol boýunça milli ýygyndysy Aziýa-2027 Kubogynyň saýlama oýunlarynyň ikinji tapgyrynyň öňýanynda türgenleşik işlerine girişdi

«Nusaý» stadionynda dowam edýän türgenleşik işlerinde milli ýygyndymyzyň oýunçylary türgenleşik işlerini iki wagtyna geçirýärler. 9-njy iýuna çenli dowam etjek türgenleşik ýygnanyşygynyň dowamynda ýygyndy toparymyzyň oýunçylary beden taýýarlygyna hem-de taktiki seljermelere gatnaşarlar.



Türgenleşik ýygnanyşygynyň dowamynda milli ýygyndymyza çagyrylan 30 oýunçynyň 23-si Tailandyň ýygyndy toparynyň garşysyna geçiriljek duşuşygyň gutarnykly sanawyna düşer. Milli ýygyndymyzyň baş tälimçisi Röwşen Meredowa türgenleşik işlerinde Dawid Sarkisowyň, Aziz Kambarowyň, Orazberdi Myradowyň hem-de Pawel Matusyň kömekleşýändiklerini bellemek gerek.

Ýeri gelende bellesek, Türkmenistanyň futbol boýunça milli ýygyndysy Aziýa-2027 Kubogynyň saýlama tapgyryndaky ikinji duşuşygyny Tailandyň milli ýygyndysynyň garşysyna geçirer. Bu duşuşyk 10-njy iýunda paýtagtymyzdaky "Aşgabat" köpugurly stadionynda geçiriler. Duşuşyk Aşgabat wagty bilen 20:00-da başlanar.

# "PSŽ" topary taryhynda ilkinji Çempionlar Ligasynyň kubogyny gazandy

Ýewropanyň Futbol Assosiasiýalarynyň Geňeşi (UEFA) tarapyndan geçirilýän klublar derejesindäki iň uly ýaryş bolan UEFA-nyň Çempionlar ligasynyň final duşuşygy geçirildi. Germaniýanyň Mýunhen şäherinde geçirilen duşuşykda Fransiýanyň "PSŽ" topary Italiýanyň "Inter" toparyny 5:0 hasabynda uly hasap bilen ýeňdi.




Turuwbaşdan gowy oýun görkezen fransuz toparynyň düzüminde Aşraf Hakimi, Dezire Due, Hwiç Kwarasheliýa we Senni Maýul tapawutlandy.

Şeýlelikde, Fransiýanyň "PSŽ" topary taryhynda ilkinji gezek Çempionlar ligasynyň kubogyny gazandy. Toparyň düzümindäki 19 ýaşyndaky Due 2 gol geçirip, duşuşygyň iň gowy oýunysy hökmünde saýlandy. Fransuz topary bu futbolçyny 2024-nji ýylyň tomsunda 50 million ýewro satyn alypdy.

5:0 hasaply final duşuşygy Çempionlar ligasynyň finalynyň täze rekordy boldy. Mundan ozal, 1994-nji ýylda "Milan" topary finalda "Barselona" toparyny 4:0 hasabynda ýeňipdi.

Fransiýanyň "PSŽ" topary bir möwsümde 3 kubok gazanan ýurduň ýeke-täk toparydyr. Üstümizdäki ýylda bu topar Fransiýanyň çempiony bolup, Çempionlar ligasynyň kubogyny hem-de Fransiýanyň Kubogyny gazandy.

Fransuz toparynyň ispan tälimçisi Luis Enrike Hosep Gwardioladan soňra dürli toparlar bilen bir möwsümde 3 kubok gazanan 2-nji tälimçi boldy. Ol mundan ozal, "Barselona" topary bilen 3 kubok gazanypdy.

Umuman, Fransiýanyň toparlaryndan mundan ozal, diňe "Marsel" topary Çempionlar ligasynyň kubogyny gazandy. Ol hem 33 ýyl mundan ozal boldy. Şonda "Marsel" topary finalda Italiýanyň "Milan" toparyny Germaniýada geçirilen final duşuşygynda 1:0 hasabynda utupdy.

33 ýyldan soňra bu gezek Fransiýanyň "PSŽ" topary ýene-de Germaniýada oýnalan finalda Italiýanyň toparyny ýeňip, kubogy gazandy.

Şu wagta çenli Çempionlar ligasynyň kubogyny 24 topar gazandy. Olardan diňe Ispaniýanyň "Real Madrid" topary 15 gezek bu kubogy gazanyp, rekordyň eýesidir.

# "Inter" topary baş tälimçisi Simone Indzagi bilen hoşlaşdy

UEFA-nyň Çempionlar ligasynyň finalynda Fransiýanyň "PSŽ" toparyna ýeňlen Italiýanyň "Inter" topary baş tälimçisi Simone Indzagi bilen hoşlaşdy. Bu barada toparyň metbugat gullugy habar berýär.

Tälimçiniň wezipesinden gitmegi özara ikitaraplaýyn ylalaşyk esasynda gazanyldy. Habar berlişine görä, Indzaginiň ýakyn wagtda Saud Arabystanynyň "Al-Hilal" toparynyň tälimçisi bolmagyna garaşylýar.



– Indzagä topary ýokary derejelere çykarmak ugrunda amala aşyran işleri üçin minnetdardyryn. Biziň aramyzda aç-açan gepleşikler geçirilip, degişli karar kabul edildi – diýip, "Inter" toparynyň ýolbaşçysy Juzeppe Marotta belledi.

49 ýaşyndaky Indzagi 2021-nji ýylda bu toparyň tälimçisi boldy. Onuň ýolbaşçylygynda "Inter" topary 3 gezek Italiýanyň Superkubogyny we 2 gezek Italiýanyň kubogyny gazandy. Şeýle hem topar 2024-nji ýylda Italiýanyň çempiony boldy. Şeýle hem topary 2 gezek Çempionlar ligasynyň finalyna çykmagy başardy.

# Grizmann "Atletikoda" galdy



Ispaniýanyň kluby 2018 FIFA dünnyňçempiony Antuan ze şertnama baglaşdy. gullugy bu barada

Şertnama 2026/27-süminiň ahyryna çenli do-

Grizmann 34 ýaşynda. ýyldan 2019-njy ýyla çenli "Atletiko" toparynda oýnady, şondan soň "Barselona" geçdi. Fransuz ýarymgoragçysy karýerasyna Ispaniýanyň "Real Sosýedad" klubynda başlady we 2009-njy ýyldan 2014-nji ýyla çenli esasy toparda oýnady.

Grizmann "Atletiko" bilen Ýewropa ligasynda, UEFA Super kubogynda we Ispaniýanyň Super kubogynda ýeňiji boldy. Ol klubyň taryhynda iň köp pökgi geçiren oýunçy. Grizmann, şeýle hem dünýä çempionaty we Ýewropa çempionatynda kümüş medal gazanan we Fransiýa milli ýygyndysy bilen Milletler ligasynyň ýeňijisi bolan futbolçylaryň biridir.

# Li Çže Men Günorta Koreýanyň täze Prezidenti boldy

Koreýa Respublikasynda prezident saýlawlary tamamlandy. Onuň netijesi boýunça "Toburo" demokratik partiýasynyň dalaşgäri Li Çže Men sesleriň 49.4 göterimini eýeläp, ýurduň nobatdaky döwlet baştutanlygyna saýlandy. Bu barada Koreýanyň saýlaw topary habar berdi.

Li Çže Meniň saýlawlardaky esasy garşydaşy Kim mun Su sesleriň 41.1 göterimine eýe boldy.

Ýurduň täze saýlanan Prezidenti Li Çže Men resmi taýdan wezipesine girişdi. Saýlanan gününiň ertesi wezipesine girişen täze Prezident koreý halkyny birleşdirip, milli ykdysadyýeti has-da ösdürmek ugurnda tagalla etjekdigini belledi. Şeýle hem ol milli bähbitleri göz öňünde tutup, hyzmatdaşlyga ýugrulan diplomatiýany alyp barjakdygyny mälim etdi.



Täze Prezident saýlanmazdan ozal, saýlawçylar bilen geçiren duşuşygynda ýurduň paýtagtyny Seul şäherinde Sejon şäherine göçürmek babatdaky başlangyç bilen çykyş edipdi. Şeýle hem ol döwlet baştutanlygyna saýlanan halatynda ilkinji wezipeleriniň biriniň ýurduň ykdysadyýetini has-da ösdürmekden ybarat boljakdygyny mälim edipdi.

Günorta Koreýada geçirilen 21-nji prezident saýlawlaryna saýlawçylaryň 79.4 göterimi gatnaşdy. Bu hem soňky 28 ýyldaky rekord görkeziji boldy.

# "Microsoft" Şweýsariýada bulut we emeli intellekt üçin maýa goýýar

Amerikanyň "Microsoft" korporasiýasy Şweýsariýada bulut hasaplamalaryny we emeli intellekt (AI) infrastrukturasyny ösdürmek üçin 400 million dollar maýa goýýar.

"Microsoft"-yň wise-prezidenti Bred Smitiň Şweýsariýanyň ykdysadyýet ministri Gi Parmelen bilen geçiren duşuşygynda bellemegine görä, Şweýsariýa öňdebaryjy ylmy gözlegleri amaly ulanyş bilen utgaşdyrmak arkaly dünýäniň iň ösen innowasion ekosistemalarynyň biri dörediler.




"Reuters" gullugynyň maglumatyna görä, bu maýa goýum kompaniýanyň Ženewa we Sýurih sebitlerinde ýerleşýän dört sany maglumat merkezini giňeltmäge we döwrebaplaşdyrmaga gönükdiriler. Taslama bulut hyzmatlaryna we emeli intellekt tehnologiýalaryna artýan islegi, şeýle hem ýurt içinde maglumat saklamak baradaky talaplary – esasan hem maliýe, döwlet we saglyk ulgamlary üçin göz öňünde tutulýar.

Mundan başga-da, "Microsoft" kompaniýasy kiçi we orta telekeçilik kärhanalary bilen hyzmatdaşlyk maksatnamalaryny giňeltmegi, şeýle hem sanly gurallary we emeli intellekt tehnologiýalaryny ulanmak boýunça bilim başlangyçlary güýçlendirmegi meýilleşdirýär.

# Hytaýyň awiakompaniýalary "Airbusdan" 500 uçar satyn alar

Hytaýyň awiakompaniýalary Ýewropaly öndüriji "Airbus" kompaniýasyndan 500-e çenli uçar satyn almak mümkinçiligini seredýärler. Bu barada "Bloomberg" agentligi habar berýär. Bu şertnama gol çekilse, ol Hytaý üçin awiasiýa pudagynda iň uly şertnama bolup biler, hatda dünýä derejesinde rekord şertnama hem bolmagy ähtimal.



Gelejekde baglaşyljak şertnama barada resmi bildiriş iýul aýynda – Hytaý bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň 50 ýyllygynyň bellenilmegi mynasybetli Pekine ÝB-niň ýolbaşçylarynyň we ýurtlarynyň liderleriniň sapary wagtynda edilip bilner. Çeşmäniň bellemegine görä, hytaýly awiakompaniýalar giň we dar görnüşdäki uçarlary satyn alyp bilerler.

# Russiýanyň uçarlarynda internet 2027-nji ýylda peýda bolar

5G interneti Russiýanyň uçarlarynda 2027-nji ýylda elýeterli bolar. Şol ýyl ýurdumyzda hem emeli hemra interneti peýda bolar diýip, Russiýanyň sanly ösüş ministri Maksut Şadaýew «Birinji kanala» beren beýanatynda belläp geçdi.

"2027-nji ýylda emeli hemra interneti peýda bolar, uçarlarda hem internet elýeterli bolar" diýip, ol Russiýanyň uçarlarynda 5G aragatnaşyk haçan peýda bolar diýen soraga beren jogabynda belledi.



Mundan ozal ministr 2027-nji ýylda Russiýanyň çäginde giňden elýeterli internet üpjün etjek pes orbitadaky emeli hemra toparynyň 272 hemradan ybarat boljakdygyny, şeýle hem ýokary orbitada ulanyljak ilkinji aragatnaşyk hemralaryň 2026-njy ýylda uçurylyp başlanjakdygyny belläpdi.

# Tailand gözeli – "Dünýä gözeli 2025" baýragyny gazandy

Çusata Çuangsri 72 ýyldan bäri geçirilip gelinýän "Dünýä gözeli" bäsleşiginde ýeňiji bolan ilkinji tailandly gözel boldy. 21 ýaşyndaky tailandyň raýaty dünýäniň dürli döwletlerinden gatnaşan 108 gatnaşyjynyň arasynda birinji bolmagy başardy.

Çusata Çuangsri halkara gatnaşyklary fakultetiniň talyby we şol bir wagtda moda görkezijisidir. Şeýle hem ol psihologiýa we antropologiýa bilen meşgullanýar.



Ol düwnük keselini öwrenýän halkara guramada meýletinçi bolup işledi. Öý haýwanlaryny gowy görýän tailandly gyzyň 16 pişigi we 5 iti bar.

Bäsleşigiň resmi saýtynda bellenilişi ýaly, tailandly gyzyň şygary "Bir durmuşyň seniň saýaňda aňsatlaşandygyny bilýän bolsaň, üstünlik gazanmagyň manysy şundan ybarat". Bäsleşik Hindistanyň Haýdarabad şäherinde geçirildi.

# BMG-niň Baş Assambleýasyna täze başlyk saýlandy

Germaniýanyň ozalky daşary işler ministri Annalena Berbok täze halkara wezipä aldy. Ol Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň başlyklygyna saýlandy. Bu barada nemes metbuagty habar berýär.

2-nji iýunda geçirilen ses berişlikde Berbok 167 döwletiň sesini alyp, Baş Assambleýanyň nobatdaky başlyklygyna saýlandy.



Annalena Berbok bu wezipä üçin hödürlenen ýeke-täk dalaşgär boldy. Ol öz çykyşynda goldaw beren ähli döwletleriň wekillerine minnetdarlyk bildirip, Assambleýanyň işini has-da ilerletmek üçin tagalla etjekdigini belledi.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň Başlygy mejlislere başlyklyk edýär, edaranyň işlerini utgaşdyrýar, Assambleýa halkara arenasynda wekilçilik edýär. Ol hiç hili syýasy çözgüt kabul etmeýär, diňe wekilçilik we guramaçylyk işlerini alyp barýar.